# Ak gijeler

Category: Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ak gijeler Kyssadaky goşgular

▶ AK GIJELER

Ak süýt ýaly ak gijeler. Aýdymlardan, owazlardan, söýgüden doly, arassa, owadan, mylaýym, näzik, rahat gijeler. Men olara «Ak gijeler» diýýärin. Gijeler dynçlygyñ, rahatlygyñ, gözelligiñ, arzuwlaryñ, hüwdüleriñ, açylan gülleriñ, ýürekleriñ sallançagy. Gijelerde bütin älem dynç alýar, dünýä aýdym aýdýar, gijeler ynsanlary hüwdüleýärler, arzuwlara atarýarlar, gülleriñ dünýä sygman, çogup-çogup açylyşynyñ şaýady bolýarlar, «gudrat derýasyna», «söýgi ummanyna», «ylham çeşmesine» çümüp çykýarlar. Gijeler ýañyja kölden çykyp, ganatlaryny kakyp duran gazlara meñzeýärler. Olaryñ gujagynda aýdymlar akyp, bagtyñ ganatlaryna gonýarlar, bagtdan ganat dakynyp, Arşyñ ak belentliklerine ýuwaşlyk bilen galýarlar, täsin owazlary, Arş üstüniñ kalbyñy diliji mukamlaryny kalplaryna siñdirip, bu goja Zemine gaýdyp gelýärler. Aýdymyñ adamlary ganatly edýändigi, «ýagşylyk, ýaşlyk adasyna» uçuryp alyp gidýändigi, megerem, şonuñ üçindir… Gijeleriñ näzikligi, gül suwuna ýuwulan bedenleri Aý bilen çaknyşyp lowurdap görünýärler. Gijeler ýañy göze görnüp başlan gyzlar ýaly tämiz, näzik, asylly, ter, owadan…
Ak gijeler süýji-süýji duşuşyklaryñ, ýürek owazlarynyñ, bihuş ediji mylaýym şibirdileriñ mekany. Gijelerde million dürli mör-möjekler awa, gezelenje çykýarlar, öz dillerinde sansyz owazlar edip, ak gijeleri sesleriñ akymyna gark edýärler. Gijelerde ösümlikler gyzyñ demi, ysy ýaly mylaýym howa bilen ýuwlup, biri-birlerine ses goşup, lälä, hüwdä, halk aýdymyna meñzeş mukam çalyp hiññildik uçýarlar, ulugyzyñ aýaklaryny ýadyña salýan aýaklaryny ýaba, köle, deñze, derýa, ummana sallap oturýarlar…
Bütin dünýäni tutup, Arşyñ çyralary ýaly bolup, «gözlerini

gyrpyp» duran ýyldyz älemini diýsene! Olaryñ her biri uzakdan görünýän maýak ýaly bolup, lowurdap, gözelliklerini güjeñläp, näze batyp otyr. Ýyldyzlar Ýere aşyk gözleri bilen garap, hiç doýup bilenoklar. Ýyldyz şalygyndan täsin bir düññürdi eşidilip giden ýaly bolýar, täsin bir duýgy kalbyñy gaplap, ýüregiñ jigläp gidýär. Olara seredip uç-gyraksyz dünýäniñ gözelligine haýran galýarsyñ, şol ýyldyzlardan, bize, başga bir planetalarda ýaşaýan eziz adamlar gol bulaşyp duran ýaly bolup görünýär. Belki-de, gol bulaşyp durandyrlar, kim bilýär?!..
Akmaýanyñ süýdi asman gümmezinde ýaýylyp ýatyr. Şol süýde leblerini basyp, arassalygyñ, halallygyñ, buýsanjyñ, simwoly ýaly bolup duran aklykdan emesiñ gelip dur, kalbyñy, ýetmedik arzuwlaryñ öwezini emip-emip doldurasyñ gelip dur, şol arzyly süýtden ine-gana doýup, ganat-per çykaryp, Arşyñ müñ dürli älemine guş bolup uçup gidesiñ gelip dur…
Gijeleriñ şeýle gözel dünýäsini görüp durup, neneñ onsoñ, gijelere «gara gije» diýmäge diliñ barar?!..

Hemra HAÝTJANOW. Hekaýalar